# YLYMLARYŇ DOKTORY ALYMLYK DEREJESINE DALAŞGÄR HÖKMÜNDE HASABA ALMAGYŇ TERTIBI

Ylymlaryň doktory alymlyk derejesine dalaşgäriň ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesi bolmaly.

Ylymlaryň doktory alymlyk derejesine dalaşgär ylmy işini doktorlyk dissertasiýasy görnüşinde taýýarlamak üçin 4 ýyl möhlet bilen ýokary okuw mekdebine ýa-da ylmy edara hasaba alynýar.

Ylymlaryň doktory alymlyk derejesine dalaşgär ýokary okuw mekdebinde ýa-da ylmy edarada hasaba alynmagy üçin ýolbaşçynyň adyna:

- ylymlaryň kandidaty diplomynyň nusgasy goşulan arza;
- dissertasiýanyň ugry boýunça ylmy işleri alyp barýan ýokary okuw mekdebiniň ýa-da ylmy edaranyň alymlar geňeşiniň dissertasiýanyň 2/3 böleginiň taýýarlygy baradaky güwänamasy.
- Şahsyýetini tassyklaýan resminamanyň we ylmyň kandidaty diplomynyň asyl nusgasyny dalaşgäriň özi getirip görkezýär.